# Ikinji adam

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ikinji adam IKINJI ADAM




Men saňa: “Söýýärin!” diýip ýalbarsam,
Gadym ýaşap geçen aşyklar deýin,
Sen diýýärsiň ýüzleriňe çaýyp gam:
“Ikinji adamy nädip söýeýin?!”
Sen meni ikinji orunda goýup,
Ýaňzydýarsyň maňa Birinjiň baryn.
Hem: “Başga birini söýäý-dä” diýip,
Egismek isleýäň kalbymyň zaryn.

Ýok, men başga eşitdirmen ahymy,
Goý, sen diýip örteneýin – köýeýin,
Menem edil özüň ýaly ahyry –

Ikinji adamy nädip söýeýin?!

Tirkeş Sadykow. Goşgular